# Gizlenip saklanýan bu kitap jynçylygyñ we jadygöýlügiñ iñ esasy gollanmasydyr

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gizlenip saklanýan bu kitap jynçylygyñ we jadygöýlügiñ iñ esasy gollanmasydyr GIZLENIP SAKLANÝAN BU KITAP JYNÇYLYGYÑ WE JADYGÖÝLÜGIÑ IÑ ESASY GOLLANMASYDYR



Jyn ýa-da beýleki bedensiz mahluklary çagyrmak, olary hyzmatkär edip ulanmak boýunça yslam dünýäsinde şindize çenli ýüzlerçe eser ýazylypdyr we bu eserleriñ iñ esasysyna «Buni rysalasy» diýlipdir. Bu rysalanyñ (traktatyñ ýa-da monografiýanyñ) nusgasy Stambul kitaphanalarynyñ birinde saklanýar, emma kataloglara girizilmedik we okyjylaryñ eline-de berilmeýär…
Golýazma kitaplaryñ birini göz öñüne getiriñ: güýji, ady, sany we başga hemme zady belli, emma içinde ýazylanlar ýüzlerçe ýyldan bäri belli edilmän saklanýar, hiç bir okyja görkezilmeýär we ady aýdylmaýan kitaphanalaryñ birinde gizlenip saklanýar…

«Buni rysalasynyñ» ýagny, jynçylygyñ we jadygöýlügiñ ugurlarynyñ giñişleýin ýazylan we şu ugurda iñ esasy gollanma hasaplanýan golýazmanyñ gürrüñini edýärin…
Şeýle kitaplaryñ başyny Alžirde doglan we 1225-nji ýylda Kairde aradan çykan Ebul-Apbas Ahmet ibn Aly ibn Ýusup el-Kureşi el-Buniniñ ýazan «Buni rysalasy» çekýär.



- **Harp-san birligi**

Özi hakynda onçakly kän maglumat bolmasa-da, eseriniñ üstünde

asyrlar boýy işlenip gelinen Buniniñ sistemasynyñ düýbünde sanlar bilen harplaryñ arasyndaky many we fiziki birlik bar. Buni belli düzgünlere eýerilip çyzylan geometriki şekilleriñ harp-san birliginiñ güýjüni artdyrýandygyny, bu güýjüñ Allanyñ atlary bolan «Esmaul-Husna», «Fatiha» we «Aýatel-kürsi» ýaly dogalar bilen hasam artdyrylyp bilinjekdigini aýdýar.

- **Hyzmatkär jyn**

Buniniñ pikiriçe, jyn we şoña meñzeş bedensiz mahluklar, ine, şu ýerde herekete geçýärler. Gazanylan güýç arkaly mahluklara sözüñi ýöretmek we islän ýumşuñy buýurmak mümkin. Jynlary ulanyp edilen işe «hüddam», muny oñarýanlara-da “hüddamçy”, ýagny “jynçy” diýilýär!



- **Oñaryp bolmajak iş ýok**

Buni islendik işi şu ýol bilen, ýagny jynlar arkaly bitirip

boljakdygyny aýdýar. Ýüzlerçe sahypalyk kitabynda akla-huşa sygdyrmak kyn we hatda sygdyryp bolmasy-da mümkin däl ähli kynçylyklaryñ nädip hötdesinden gelip boljagyny we munuñ üçin haýsy jynyñ hyzmatkär bolup nähili ulanyljagyny uzyn-uzyn gürrüñ berýär.
Häzir şu ýerde «Buni rysalasynyñ» birinji sahypasy bilen çem gelen käbir bölümleriniñ fotosuratlaryny dykgatyñyza ýetirýärin. Eser görşüñiz ýaly bezelipdir we sahypalarynda artykmajy bilen altyn warak ulanylypdyr…
Bu golýazma «Buni rysalasynyñ» bize gelip ýeten iñ kemçiliksiz, iñ ajaýyp we iñ gowy görnüşde goralyp saklanan nusgasy… Ezer şindizem Stambuldaky resmi kitaphanalaryñ birinde saklanýar ady we belgisi kataloglarda ýok, okyja-da görkezilmeýär.



- **Jynlar näme işe ýaraýardy?**

XV asyrda Soltan Baýezit II-niñ döwründe ýaşan we jynlar

boýunça gymmatly eser ýazan Uzyn Ferdöwsiden sorasag-a, jynlara höküm edip oňarýanlar bedensiz mahluklary biri-birinden tapawutly on dürli işde peýdalanyp bilipdir…
Ine, jynlaryñ peýdalanylýan işleri:
1). Keselden goranmak, ylaýta-da epilepsiýa (garaguş, tutgaý) keselinini bejermek üçin;
2). Çagalaryñ döwlerden we perilerden gorkmazlygyny üpjün etmek, jyn urmagynyñ öñüne almak, jynlara ýumuş buýurmak;
3). Haýwanlary jynlaryñ hüjüminden goramak ýa-da tebigy howp-hatarlardan daşda saklamak, zyýanly haýwanlary daşlaşdyrmak;
4). Ýagyş ýagdyrmak, suwa höküm etmek;
5). Söýgi gatnaşyklarynda üstünlik gazanmak, aýal-gyzlary özüñe aşyk etdirmek, jübütleri aýyrmak ýa-da birikdirmek, ýigrenilen aşygyñ agzyny, dilini we erkekligini baglamak, gerek bolsa öldürmek;
6). Haýsydyr bir şäheri ýa-da galany basyp almak, uruşda zyýan çekmezlik;
7). Göwresinde çaga galmaýan aýallara çaga dogurtmak, çaga dogluşyny añsatlaşdyrmak;
8). Jadygöýlükde at gazanmak we edeniñ ugruna bolmak;
9). Jemgyýetde sylag-sarpaly bolmak, adamlaryñ arasynda öwülmek;
10). Bütin işleriñ ugrugyp gitmegini gazanmak;
11). Ýola çykan ýolagçyny yzyna gaýtarmak.

Murat BARDAKÇY / HT GAZETE Geň-taňsy wakalar